Ýurdumyzyň ähli pudaklarynda sanly tehnologiýalary ulanmak döwrüň esasy talaplaryndan biri bolup durýar. Sanlylaşdyrma senagatda, ykdysadyýetde, bilimde we durmuşymyzyň beýleki ugurlarynda amala aşyrylyp, ol sanly tehnologiýalaryň giňden ornaşdyrylmagydyr. Bu hadysa, dünýäniň köp ýurtlarynda maglumat tehnologiýalarynyň, mikroelektronikanyň we maglumat aragatnaşyklaryň çalt ösmegi bilen ýüze çykýar. Bilimi sanlylaşdyrmak, onuň elektron ulgamyna geçiş ýagdaýynyň kesgitlenmesidir.

Häzirki wagtda giňden ulanylýan “Sanly bilim”, “sanly ulgam”, “sanly tehnologiýa” ýaly düşünjeleriň manysyna çuňňur düşünmek, adamyň aňynda ýiti bilesigelijiligi ýüze çykarýar. Sanly ulgamyň ösüşi barada aýtsak, eýýäm ýurdumyzyň ýokary okuw jaýlarynyň ählisinde diýen ýaly, sanly ulgam bilen baglanyşykly täze hünärleriň açylmagy, sanly tehnologiýalaryndan baş çykarýan täze nesilleriň kemala gelmegine ýardam berýär. Biziň ýokary okuw mekdebimizde hem Sanly tehnologiýalar we kiberhowpsuzlyk fakulteti, Maglumat tehnologiýalary, Sanly elektronika we elektrotehnika ýaly sanly ulgam bilen baglanşykly kafedralaryň bolmagy, talyp ýaşlaryň sanly programmalary, kompýuter programmirlemesini, grafiki usullary öwrenmek we ulanmak ukyby artyrýar.

Bilim ulgamyndaky sanly tehnologiýalar, oňa esaslanýan häzirki zaman bilim gurşawyny guramagyň usulydyr. Dünýäde tehnologiýalar bilen baglanyşykly durmuşa geçirilýän özgertmeler, iş usullarynyň üýtgemegine şeýle hem, bilim almagyň maksatlarynyň we tejribeleriniň üýtgemegine getirýär. Sanly bilimde öwrenmegiň täze usuly webinarlardyr. Oňa esasan iki tarap gatnaşýar. Oňa internediň üsti bilen geçirilýän onlaýn okuw sapagy ýa-da duşuşygy hem diýilýär. Onda alyp baryjy diňleýjilere maglumatlaryň düşünikli bolmagy üçin prezentasiýasy bilen çykyş edýär. Olaryň ulanyjylara berýän esasy wezipeleri: slaýd prezentasiýalary; göni wideo aragatnaşygy; nauşnik we mikrofon ulanyp hakyky wagtda ses aragatnaşygy; soň görmek we diňlemek üçin ýazgy; sorag-jogap sessiýalary üçin tekst söhbetdeşligi üpjün edýär. Häzirki wagtda uzak aralykdan netijeli gurnalýan onlaýn okuw sapaklary özara tejribe paýlaşmaga we pikir alyşmaga ýardam berýär.

Emeli aň “akyl bilen baglanyşykly” meseleleri çözmek üçin ulanylýan tehnologiýa bolup, onuň ähli ösüşleri şekili tanamak üçin programmalary, awtomatiki maşyn sürmek we terjime ulgamlaryny döretmäge gönükdirilendir. Umuman sanly bilime geçiş, internet tehnologiýalaryny döretmekde möhüm tapgyrdyr. Häzirki wagtda ylym-bilim ýokary tizlikde ösýär, her gün täze sanly gurluşlar peýda bolýar. Bilimiň sanlaşdyrylmagy ýaş nesilleriň geljekde maglumat dünýäsine has gowy aralaşmagyna kömek eder.

Eziz Diýarymyzy dünýäniň ösen ýurtlary bilen aýakdaş alyp barýan, biz talyp ýaşlara okamaga, döwrebap bilim almaga, dünýäniň ösen döwletleriniň bilim-ylym ulgamynda gazananlaryny öwrenmäge, olary durmuşa geçirmäge, kämil tehnologiýalardan baş

Все права защищены

save pdf date >>> 14.12.2025

çykarmaga döredip berýän mümkinçilikleri üçin Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janynyň sag, başynyň dik bolmagyny, il-ýurt bähbitli, umumy adamzat ähmiýetli tutýan tutumly işleriniň elmydama rowaçlyklara beslenmegini arzuw edýäris.

**Maksat KERIMBAÝEW**
**Türkmenistanyň Döwlet energetika institutynyň talyby**

Все права защищены